Çaganyň hukuklary hakyndaky
Konwensiýanyň gysgaja mazmuny

# Her bir çaganyň hukugy bar



20 ÝYL
ÇAGANYŇ HUKUKLARY HAKYNDAKY KONWENSIÝA

unicef

**1- NJI MADDA**
Konwensiýada kesgitlenen ähli hak-hukuklar 18 ýaşa ýetmedik her bir çagada bolmalydyr.

**2-NJI MADDA**
Konwensiýa çagalaryň uçdantutma ählisine degişli. Ýagny ol göz öňünde tutulan hak-hukuklaryň hemmesini çagalaryň teniniň reňkine, dinine, ukyplaryna, olaryň beýan edýän oý-pikirine we aýdýan zadyna, şeýle hem gelip çykýan maşgalasyna garamazdan çagalaryň hemmesine berýär.

**3-NJI MADDA**
Çagalaryň aladasyny edýän hemme guramalar çagalaryň hersi üçin iň bähbitli zatlara ýetmek ugrunda tagalla etmelidirler.

**4-NJI MADDA**
Gatnaşyjy döwletler konwensiýada kesgitlenen hak-hukuklary çagalar üçin elýeterli etmelidirler.

**5-NJI MADDA**
Gatnaşyjy döwletler çagalaryň ösüp kemala gelmek bilen öz hakhukuklaryndan dogry-düzüw peýdalanmagy başarmakda maşgalanyň ugrukdyryjy we ýol-ýoda görkeziji jogapkärçiligine hormat goýmalydyrlar.

**6-NJY MADDA**
Her bir çaganyň ýaşamak üçin aýrylmaz hukugy bar we döwlet çaganyň diri galmagyny we sagdyn ösmegini üpjün etmäge borçly.

**7-NJI MADDA**
Her bir caganyň resmi taýdan bellige alynan ada we millete, şeýle hem bilmäge hem ene atasy tarapyndan aladasynyň edilmegine hak-hukugy bardyr.

**8-NJI MADDA**
Döwlet çaganyň ada, millete we maşgala gatnaşyklaryna bolan hakhukugyna hormat goýmalydyr.

**9-NJY MADDA**
Çagalaryň öz bähbitleri üçin zerur bolmasa, olar ene-atalaryndan aýra düşmeli däldirler. Mysal üçin, ata-ene çaga rehimsiz çemeleşende, ýa-da ol barada alada etmände. Eger-de çaganyň zyýanyna bolmasa, ata-enesi aýrylyşan çagalaryň olaryň ikisi bilen hem şahsy gatnaşyklary saklamaga hukugy bardyr.

**10-NJY MADDA**
Çagalaryň ata-enesi bilen aragatnaşygy ýitirmän saklap durar ýaly, ýa-da täzeden birigip, bir maşgala bolup ýaşamaga mümkinçilik berer ýaly, dürli döwletlerde ýaşaýan maşgalalara şol döwletleriň birinden beýlekisine gelip gidip durmaga rugsat berilmelidir.

**11-NJI MADDA**
Döwletler çagalaryň öz ýurdunyň daşyna bikanun alynyp gidilmeginiň öňüni alar ýaly zerur çäreleri görmäge borçludyr.

**12-NJI MADDA**
Uly adamlar tarapyndan çagalara täsirini ýetirýän çözgütler kabul edilende, näme boljakdygy barasynda çagalaryň öz pikirlerini beýän etmäge nukdaý nazarlarynyň hasaba alynmagyna hak-hukugy bardyr.

**13-NJI MADDA**
Çagalaryň özlerine, ýa-da özgelere zyýan ýetirmeýän maglumaty almaga we ony başdalar bilen paýlaşmaga hak-hukugy bardyr.

**14-NJI MADDA**
Çagalaryň öz isleýän zady barasynda pikir etmäge we oňa ynanmaga hak-hukugy bardyr. Şeýle hem özge adamlara öz hak-hukuklaryndan peýdalanmaga päsgel bermeýän bolsalar, onda çagalar öz dini ybadatlaryny berjaý etmäge haklydyrlar. Ene-atalar bu meselelerde öz çagalaryna görelde bolmalydyrlar.

**15-NJI MADDA**
Şeýle etmek bilen özge adamlara öz hak-hukuklaryndan peýdalanmaga päsgel bermeýän bolsa, çaganyň beýleki adamlar bilen duşuşmak we birleşmelere girmek, ýa-da olary döretmek hukugy bardyr.

**16-NJY MADDA**
Çagalaryň öz şahsy durmuşyna hukugy bar. Kanun olaryň maşgalasyny, öýüni goraýar, olary öz ýaşaýyş ýoluna, at-abraýyna degişlilikde edilýän hüjümden goraýar.

## 17-NJI MADDA

Çagalaryň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden dogry maglumatlary almaga hukugy bardyr. Radio, telewideniýe we gazetler çagalary düşünäýjek maglumatlar bilen üpjün etmeli, çagalara zyýan ýetiräýjek maglumatlaryň bolsa olaryň dykgatyna ýetirilmezliginiň ugrunda tagalla etmeli.

## 18-NJI MADDA

Ata-ene ikisi hem çaganyň terbiýelenmegi üçin esasy jogapkärçiligi bilelikde çekýär we elmydama onuň bähbidi ugrunda tagalla edýär. Döwletler bolsa ýörite hyzmatlary arkaly ene-atalara, hususan hem ene-atanyň ikisi işleýän bolsa, bu ugurda goldaw bermeli.

## 19-NJY MADDA

Döwletler çagany ata-enäniň, ýa-da ony idetýän beýlekiadamlaryňýaramazçemeleşmeginiňislendik görnüşlerinden goramaly we hyýanatlyklaryň öňüni almagyň we ejir çekenleri bejermegiň degişli durmuş maksatnamalaryny döretmeli.

## 20-NJI MADDA

Öz maşgalasy taýdan idedilmeýän çagalar olaryň dinine, medeniýetine we diline hormat-sarpa goýýan adamlar taýdan göwnejaý idedilmelidir.

## 21-NJI MADDA

Çagalar ogullyk we gyzlyk edilip alynanda ilkinji alada olar üçin iň bähbitli zadyň nämedigi barasynda bolmaly. Çagalaryň öz dogulan ýurdunyň içinde, ýa-da başga bir ýurda alyp gitmek üçin ogullyk, ýa-da gyzlyk alynanlygyna garamazdan, olara degişlilikde hut şeýle kadalar berjaý edilmelidir.

## 22-NJI MADDA

Bir ýurda bosgunlar hökmünde gelen çagalaryň şol ýurduň özünde dogulan çagalaryň hak-hukuklary ýaly bir meňzeş hak hukuklary bolmaldyr.

## 23-NJI MADDA

Nähili bolsa-da şikesi, ýa-da kemi bolan çagalar hemmetaraplaýyn we özbaşdak ýaşaýyşdan lezzet alar ýaly döwletler tarapyndan aýratyn ideg bilen üpjün edilmelidir.

## 24-NJI MADDA

Çagalaryň saglygy goraýşyň gowy hyzmatlaryna, arassa agyz suwyna, ýokumly iýmite we arassa daşgy gurşawa hak-hukugy bardyr. Şuňa ýetmekde gurply döwletler garyp döwletlere ýardam bermelidir.

## 25-NJI MADDA

Öz ene-atalarynyň elinde däl-de, eýsem ýerli hökümetler tarapyndan idedilýän çagalaryň ýagdaýy kadaly esasda barlanylyp durmalydyr.

## 26-NJY MADDA

Mätaçlikde ýaşaýan maşgalalardaky çagalara hökümet goşmaça pul kömegini berip durmaly.

## 27-NJI MADDA

Her bir çaganyň beden we akyl taýdan talaplaryny kanagatlandyryp biljek durmuşa haky bardyr. Hökümetler muny üpjün edip bilmeýän maşgalalara kömek etmelidirler.

## 28-NJI MADDA

Çaganyň bilim almaga hukugy bar. Mekdeplerde okadylýan dersler çaganyň mertebesine hormat-sarpa goýmaklyga gönükdirilen bolmalydyr. Başlangyç mekdepler mugt bolmaly. Gurply döwletler garyp döwletlere şu derejä ýetmekde kömek bermelidirler.

## 29-NJY MADDA

Bilim her bir çaganyň şahsyýetiniň we zehinleriniň doly ösüp kemala gelmegine gönükdirilmeli. Bilim çagalara öz ata-enesiniň, özleriniň we özgeleriň medeniýetlerine sarpa goýmagy wagyz-nesihat etmelidir.

## 30-NJY MADDA

Ýurduň ilat aglabasy tarapyndan ykrar edilmeýänligine garamazdan, çagalar öz maşgalalarynyň dilini, däp-dessurlaryny öwrenmäge haklydyrlar.

## 31-NJI MADDA

Çaganyň dynç almaga, oýnamaga we dürli-dürli çäreleriň uly möçberine gatnaşmaga hukugy bar.

## 32-NJI MADDA

Hökümet çagany oňa, ýa-da onuň saglygyna, ýa-da bilimine howply bolan işlerden goramalydyr.

**33-NJI MADDA**
Hökümet çagany howply neşe maddalardan goramagyň ýollaryny tapmalydyr.

**34-NJI MADDA**
Hökümet çagany zyna işlerine çekilmekden goramalydyr.

**35-NJI MADDA**
Hökümetler çagalaryň zor bilen alyp gidilmezliginiň we satylmazlygynyň aladasyny etmelidirler.

**36-NJY MADDA**
Çagalar ösüşüne zyýan edip biljek her bir işden hökümet tarapyndan goralmalydyr.

**37-NJI MADDA**
Kanuny bozan çaga rehimsizlik bilen çemeleşilmeli däldir. Olary tussaglykda ulular bilen bir ýerde saklanylmaly däldir we olara öz maşgala agzalary bilen aragatnaşyk saklamaga mümkinçilik berilmelidir.

**38-NJI MADDA**
On bäş ýaşy dolmadyk çagalar goşun gullugyna gitmäge hökümetler tarapyndan rugsat berilmeli däldirler. Uruş gidip duran ýerlerdäki çagalara aýratyn gorag üpjün edilmelidir.

**39-NJY MADDA**
Äsgerilmän, idegden mahrum edilen ýa-da rehimsizlik bilen çemeleşilen her bir çagalara öz mertebesidir-sarpasyny dikelder ýaly aýratyn kömek berilmelidir.

**40-NJY MADDA**
Kanun bozanlykda aýyplanylýan çagalara aýratyn kömek berilmelidir. Diňe iň uly jenaýat eden ýagdaýynda çagalar azatlykdan mahrum edilmelidirler.

**41-NJI MADDA**
Eger haýsy-da bolsa bir döwletiň kanunlary çagany goramakda Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň maddalaryndan has gowy bolsa, onda goý ol kanunlar galsyn we hereketde bolsun.

**42-NJI MADDA**
Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň ata-enelere we çagalara äşgär bolmagy ugrunda hökümetler tagalla etmelidirler.

Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň jemi 54 sany maddasy bar. Şol maddalaryň 43-45-i çagalaryň hemmesiniň ähli hukuklara eýe bolmagy üçin ulylaryň we hökümetleriň bilelikde näme iş etmelidigi hakyndadyr.

Konwensiýa - bu şol bir kanuny berjaý etmek hakynda döwletleriň arasyndaky ylalaşykdyr. Haçanda hökümet konwensiýany berjaý etmeklik boýunça ylalaşsa, bu bolsa hökümet şol konwensiýada jemlenen hak-hukuklaryň ählisiniň çagalaryň her birisinde bardygyny üpjün etmelidigini aňladýar.



Surat: Döwletgeldi Akyýew
©Ýunisef Türkmenistan